# Türkiýe bilen Ysraýyl Siriýada garşyma-garşy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 21 января, 2025
Türkiýe bilen Ysraýyl Siriýada garşyma-garşy TÜRKIÝE BILEN YSRAÝYL SIRIÝADA GARŞYMA-GARŞY



*Fotosurat: Mostafa Alkharouf / AA*

Siriýada ençeme ýyl bäri dowam edip gelen göreşde we wekilçilik urşunda arasynda Türkiýäniňem bolan Günbatar lageri üstün çykdy. Eýrandan we Russiýadan ybarat beýleki tarap bolsa ýeňildi.

Siriýada Eýran bilen Russiýanyň ýeňilmegi Türkiýäniňem, ABŞ-nyňam, Ysraýylyňam bähbidine ýaraýar. Emma meseläniň bir düşünişip bolmaýan tarapy bar, olam bir blogyň düzümine girýän Ysraýyl bilen Türkiýe Siriýada garşyma-garşy geldi duruberdi.

Iki ýurduňam Siriýadaky bähbitleri we maksatlary dürli-dürli,

bulary barlyşdyraýmak kyn boljaga meňzeýär.
Ysraýylyň Siriýada bolmagy isleýän zady – dürli ýerli dolandyryş toparlaryna we özbaşdak oblastlara bölünen gowşak merkezi hökümet. Bular ýaly režimiň Ysraýyla garşy hiç mahalam hoep abandyryp bilmejegi ýaly jöhit döwleti bu özbaşdak oblastlar arkaly Siriýanyň içini islän wagty bulaşdyryp bilýär. Şeýle-de, Şamdaky gowşak we bir zarbada pytrap biljek hökümet hiç mahal Ysraýylyň Golan depelerindäki okkupasiýasyna we ýerini giňeltmegine garşy çykyp bilmez.
Türkiýäniň isleýän zady bolsa, Siriýada ähli etniki toparlaryň deň-derman wekilçilik edilýän demokratik prinsiplere esaslanýan güýçli bir bitewi döwletiň bolmagy. Bu döwletiň düzümine elbetde Türkiýä duşmançykly göz bilen garaýan, separatistik prinsipli PKK/YPG ýaly terrorçylykly toparlar girmeli däl.
Ankaranyň Siriýada yzygiderli üns merkezinde saklaýan ýene bir zady bolsa, bu ýurduň territorial bütewiligi, ýagny Siriýanyň häzirki çäkleriniň hiç bir ýagdaýda üýtgemezligi.
Edil şu ýerde-de ABŞ-dyr Ysraýyl ikisi bilen Türkiýäniň Siriýadaky maksatlary we bähbitleri biri-birinden aýrylýar.
ABŞ Siriýada hemişe ulanyp biljek ýaragly güýjüniň bolmagyny isleýär.
YŞYD bahanasy bilen YPG-ä wagtynda üç müň konteýner kamaz ýüki ýarag bermeginiň we Öjalanyň şägirdi SDG serkerdesi Mazlum Kobanini eliniň aýasynda saklamagynyň sebäbi-de şu bolsa gerek.
Ysraýyl bolsa ýene bir ädim öte geçip, PKK/YPG arkaly guruljak kürt döwleti bilen, başgaça aýdanda Türkiýe, Eýran, Yrak üçburçlugynda mina ýerleşdirip, bu üç ýurdy-da agsatmak isleýär.
Köp kişi «ABŞ-nyňam maksady şol» diýip biler. Emma men munyň şeýledigine onçakly ynanasym gelenok.
Kürtleriň Ýakyn Gündogarda aýratyn döwletiniň bar bolup-bolmazlygy ABŞ-nyň gaýgysy däl. Onuň iň esasy gyzyklanýan zady – öz bähbitleri. Şonsuzam ABŞ Ýakyn Gündogardaky bähbitlerini Pars aýlagynyň arap ýurtlary bilen kepillige alan ýagdaýda. Şol sanda Ysraýylam Waşingtonyň sebitdäki dürre gamçysy

funksiýasyny ýerine ýetirýär.
ABŞ-nyň maksady kürt döwletini gurmak bolsady, Demirgazyk Yrakdaky Awtonom kürt döwleti 2017-nji ýylda garaşsyzlyk referendumyny geçirende, ony ykrar ederdi. ABŞ-nyň ykrar eden kürt döwletini bolsa Ýewropa bileleşigininiň ýurtlary (bir-iki sanysyndan başgasy) bilen birlikde bütin dünýä ykrar ederdi. Emma ABŞ beýtmedi.
Öňem birnäçe makalamfs aýdyşym ýaly, kürtler tortuň owuntyklary bolsa, Türkiýe bir uly bölegidir. Meniň tanaýan Amerikam hiç mahalam owuntyklar üçin uly bölegi gözden salasy gelmez.
Ýadyňyza salyň, Trampyň birinji gezek prezidentlik eden döwründe 2016-njy ýylda Türkiýäniň çägindäki YPG elementlerini daşlaşdyrmaj üçin Siriýa gireninde amerikan goşunlary kürtleri ýüzin taşlap yza çekilipdi we kürtlerem yza çekilen amerikan harby konwoýyny taşlap protest bildiripdi. Türkiýäniň «Ýewfrat galkany», «Zeýtun şahasy» atlandyran harby operasiýalary bilen Jerablus, El-Bab, Idlip, Afrin ýaly ýerleri PKK galyndylaryndan we beýleki terrorçy toparlardan arassalanda-da ABŞ sesini çykarmandy.
Bärde ABŞ üçin esasy zat owuntykkar üçin ullakan bölegiň gözden salynmazlygydy.
Häzirem ýene şobir ýagdaý gaýtalanyp bilner. Ýagny ABŞ uly ýarany Türkiýäni öýkeletmezlik üçin YPG-ny aňsatja gözden çykaryp goýberer.
Näçe azap edenem bolsa, näçe çykdajy çykaranam bolsa, ABŞ ulanan taşeronlaryny gerek bolanda hemişe hasapdan aýryp we arkasyndan itekläp bilýän döwlet.
Gaty uzaklara gidibem durmagyň zerurlygy ýok. 2021-nji ýylyň tomsunda Owganystanda bolan wakalary ýadyňyza salyň. ABŞ öz eli bilen guran, ýigrimi ýyllap ekläp-saklan Owganystandaky respublikan režimi we Günbataryň demokratiýa wadalaryna ynanan millionlarça owgany taşlap gidipdi. Şonda ýüzlerçe harby ýük daşaýjy uçarlardan, wertolýotlardan, tanklardan we müňlerçe bronemaşyndan ybarat ummasyz ýarag ammary Talibanyň eline geçipdi.
YPG-nä berilen ýarag ABŞ-nyň Owganystanda Talibana taşlap

gaýdan arsenalyntñ ondan bir bölegiçe-de ýok. Bularyñ barsy ABŞ üçin gürrüñ edip oturanyña degmeýän sowalga puly ýaly bir zat.

Ençeme ýerde we makalamda NATO güýçleriniñ düzüminde Owganystana goşun ýollan birnäçe ýurduñ ABŞ-nyñ «gül ýüzi» ücin şol ýere gidendigini, ABŞ giden güni beýlekileriñ ýeke sekunt hem Owganystanda durmajakdygyny aýdypdym. Aýdyşym ýaly-da boldy.

Siriýada-da şeýle ýagdaý bolup biler. Amerikan güýçleri bu ýurtdan çykanda YŞYD bahanasy bilen ol ýerde ýören beýleki Günbatar döwletleri-de goşuny arkasyna alyp ökjä tüýkürer. Soñra Ýakyn Gündogar halklary ýene özleri başa-baş bolup galar.

Beýle bolýan bolsa, kürtlerem şuña düşünmeli: kese ýerli güýçlere goldanyp, arkalanyp ýol aşjak, maksadyña ýetjek bolmak mümkin däl. Sebitde asuda durmuşda ýaşaslary gelse, bu ýerdäki döwletler we halklar bilen dil tapyşmagyñ, oñuşmagyñ ýoluny tapjak bolmaly.

Ýakyn Gündogaryñ iñ uly güýji Türkiýe respublikasynyñ kürtlere duşmançylyk etmek ýaly aladasy hiç mahalam bilmandy we indem bolmaz. Ankaranyñ Demirgazyk Yrakdaky özygtyýarly kürt hökümeti bilen gurlan gününden bäri dostana gatnaşyk saklap gelendigi munuñ subutnamasydyr.

Gaýtam tersine, Türkiýe sebitdäki kürt hökümetiniñ kemala gelmegine we berkemegine uly goşantlary goşdy. Ankaranyñ bar gaýgysy özüniñ territorial bitewiligini gorap saklamak.

Beýle bolýan bolsa, Yrak, Siriýa, Eýran, ýagny Ýakyn Gündogardaky ähli kürtleriñ Türkiýe bilen gowy gatnaşnagy, ýaman niýetde gezmezligi hemmeleriñ peýdasynadyr.

Bir zady ýatdan çykarmaly däl, daşardan goldaw alýan terrorçy PKK toparynyñ kyrk ýyldan gowrak wagt bäri dowam etdirip gelen urşy hemmelere, şol sanda kürtlere gan bilen ajy gözýaşdan başga zat getirmedi.

Ýene bir ýatdan çykarylmaly däl zat hem şu: Günbatar ýeri gelende we işine ýaranda arkañyzy sypap, işi gutaranda bolsa sizi terrorçy topar yglan edip, söbügiñize düşüp bilýär. Edil «El-Kaide», PKK, Taliban toparlaryna edişi ýaly.

Diýmek; ABŞ meni goldaýar diýip begenmegiñ ýa-da terrorçy yglan etdi diýip gaharlanmagyñ hiç hili manysy ýok. Bärde bir zat manyly, olam – prinsipiñ üçin göreşeñde kese ýerli güýçleriñ oýnatgysy bolmazlyk.
ABŞ-nyñ taşlap bilmejek ýeke-täk ýarany Ysraýyldyr. Şonsuzam Ysraýylyñ ady agzalanda, diñe ABŞ-da däl, tutuş Günbatarda suwlar tersine akyp başlaýar.
Gynansak-da, Günbatara agalyk edýän jöhit kapitaly diñe Günbataryñ ykdysadyýetini däl, syýasatyny-da öz penjesinde saklaýar.
Gazada bolup geçen gyrgynçylyklarda tutuş Ýewropanyñ biragyzdan Ysraýylyñ tutaryklaryny goldap durmagy şondan ötri.
Siriýadaky ýakymsyz hakykat şu: ABŞ-nyñ sebitdäki iki esasy ýarany Türkiýe bilen Ysraýyl Siriýada garşyma-garşy gelen ýagdaýda durlar. Ysraýyl Golan depeleriniñ añyrsyna geçip, Siriýadan bir bölegi öz golastynda saklamagy islese (isleýärem), bu ýagdaý Türkiýäniñ jyzzygyny gatatmagy mümkin.
Ak Tamda Tramp ýaly sagy-soly belli däl, ugur-utgasyz we dünýä syýasaty babatda tejribesiz biri otyrka, ABŞ iki ýaranynyñ arasyndaky problema ýarylyp dynmanka, meseläni göwnemakul çözer diýseler, özüm-ä ynanasym gelenok.
Iş soñky pellä gelip dirände jöhit döwleti garşysynda urup-ýenjip, gan gusduryp ýören beýleki musulman döwletleri ýaly gowşak döwletiñ durmandygyna düşünse gerek. Şonsuzam Türkiýäniñ Ysraýyl bilen «Mawy Marmaradan» galan soñlanmadyk açyk hasaplaşmasy bar. Ýöne işler bu ýagdaýa gelmez diýip umyt edýärin. Emma taýýarlykly we hüşgär bolanyñ gowy.
Bärde esasy etmeli zat, Siriýanyñ territorial bitewiligi we Ysraýylyñ araçäkden daşyndaky basybalyjylykly operasiýalary meselesinde arap ýurtlaryny şindizden herekete geçirmek.
ABŞ Türkiýäniñ yzy biken Pars aýlagynyñ arap ýurtlaryny-da elden giderjegine düşünse, Ysraýylyñ jylawyny çekmekde ýaýdanyp durmaz.
Siriýada ähli etniki toparlaryñ deñhukukly peýdalanyp bilýän demokratik režimiñ we yzyndan uruşda weýran bolan siriýa şäherleriniñ jem bolup täzeden gurulmagyny, şeýle-de birnäçe ýurduñ arkasynda artykmaç ýük bolup duran millionlarça

siriýaly bosgunyñ sag-salamat ýurtlaryna gaýdyp barmagyny gazanmaly.
Munuñ şeýle bolup-bolmajagyny öñümizdäki aýlarda görübiýris.

Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkiýeli türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 24.12.2024 ý. Publisistika